# Belent şahsyýet boluñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Belent şahsyýet boluñ BELENT ŞAHSYÝET BOLUÑ




Ýüregimden önen gudrat –
Ýañaklary bägüllerim…
Ýene size wesýet edýän
gyzlarym hem ogullarym.
Döwletiñiz – manadyñyz
artsyn – dursun her ýyl saýyn.
Emma manat diýen zada
çakdan aşa bolmañ maýyl.

dünýädäki bar manady
ýygan adam ýokdur entek.
Hannas bolmañ, husyt bolmañ,
iýmez-içmez karunlar dek.

Maşynyñyz täze bolsun,
köne bolsun dost-ýaryñyz.
Kesellemäñ! Her ýyl artsyn
kuwwatyñyz – mydaryñyz.

Maşyndan-da, manatdan-da,
dost-ýardan-da, kuwwatdan-da
zyýat zat bar, perzentlerim,
diñläñ birdem, pikir beriñ.

Boluñ belent bir şahsyýet,
belentligi ediñ niýet.
Gujur bilen ädim ädiñ,
…emma belent boljak nädip?

Ýokdur size salgy berjek,
giñ ýollarym – şaýollarym.
Ol ýollary günde gözläñ,
gyzlarym hem ogullarym.

Allaberdi HAÝYDOW. Goşgular